# Hanlaryñ hany

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Hanlaryñ hany HANLARYÑ HANY

Eziz han atlanyp çykdy şikara,
Çopan ýigit gabat geldi şol ara.

At jylawyn çekip sakga durdy han.
– Lepbeý, hanym, buýrugyñy diñleýän.

Diýip, çopan titräp çökdi dyzyna,
Han aýtdy haýbat berip sözüne:

– Sowalym bar, bilseñ serpaý ýaparyn,
Bilmeseñ egniñden başyñ aparyn.

Aýt, hany, menem bilip gideýin,
Hanlaryñ içinde haýsy han zordur?

– Bir çemçe ganymy geçseñ aýdaýyn.
– Geçdim.

– Hanlara baş borluk Desterhan bardyr.
– Düşdüm.

Han ýylgyryp gidiberen ugruna.
Çopan serpaý donun basan bagryna.

Allamyrat GARAÝEW. Goşgular